**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2019-njy 2-nji ýanwaryndaky 1-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2019-njy 29-njy ýanwarynda 1186 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 6-njy dekabrynda çykaran 393-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan Dahyllylaryň - ýuridiki şahsy döretmezden telekeçileriň Türkmenistanyň Döwlet haryt - çig mal biržasynyň söwdalaryna gatnaşmazdan Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen hasaplaşyklaryny (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujuny) hasap-nyrhnamanyň esasynda geçirmegiň ýönekeýleşdirilen Tertibine üýtgetmeler girizmek hakynda

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, «Geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 13181-nji kararyny, «Türkmenistanyň Döwlet haryt – çig mal biržasynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 9-njy iýunynda çykaran 252-nji kararyny, şeýle hem «Pula gözegçilik etmegiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 5-nji iýulynda çykaran 856-njy kararyny ýerine ýetirmek, Dahyllylaryň – ýuridiki şahsy döretmezden telekeçileriň Türkmenistanyň Döwlet haryt – çig mal biržasynyň söwdalaryna gatnaşmazdan Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen hasaplaşyklaryny (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujuny) hasap-nyrhnamanyň esasynda geçirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2013-nji ýylyň 25-nji dekabrynda 724 belgi bilen bellige alnan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 6-njy dekabrynda çykaran 393-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan Dahyllylaryň – ýuridiki şahsy döretmezden telekeçileriň Türkmenistanyň Döwlet haryt – çig mal biržasynyň söwdalaryna gatnaşmazdan Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen hasaplaşyklaryny (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujuny) hasap-nyrhnamanyň esasynda geçirmegiň ýönekeýleşdirilen Tertibinde:

1) üçünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«3. Dahyllylar – telekeçiler şu aşakdaky daşary söwda şertnamalary boýunça dahylsyzlar bilen bir wagtlaýyn hasaplaşyklaryny, (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujuny) hasap-nyrhnamanyň (inwoýsyň) esasynda ýönekeýleşdirilen tertipde geçirýärler:

1) döwlet maksatnamalarynda we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary esasynda gurulmagy göz öňünde tutulan önümçilik desgalarynyň gurluşygy üçin harytlary satyn almak barada bahasy 1 000 000 (bir million) amerikan dollaryndan (ýa-da şoňa barabar milli puldan ýa-da beýleki daşary ýurt pulundan) köp bolmadyk,

Türkmenistanyň Döwlet haryt – çig mal biržasynda bellige aldyrmazdan baglaşan daşary söwda şertnamasy (Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň resminamasy esasynda);

2) öz önümçiligini çig mal we önümçilik serişdeleri bilen üpjün etmek üçin harytlary satyn almak barada bahasy 1 000 000 (bir million) amerikan dollaryndan (ýa-da şoňa barabar milli puldan ýa-da beýleki daşary ýurt pulundan) köp bolmadyk, Türkmenistanyň Döwlet haryt – çig mal biržasynda bellige aldyrmazdan baglaşan daşary söwda şertnamasy.

Bu hasaplaşyklara Türkmenistanyň çäklerinde geçirilýän tölegler, halkara tölegler, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan özara hasaplaşyklaryň beýleki ähli görnüşleri degişlidir».

2) on üçünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«13. Dahyllylar – telekeçiler tarapyndan dahylsyzlara hasap-nyrhnama (inwoýs) esasynda üpjünçiliksiz berilýän söwda karzlarynyň aňryçäk möhleti 180 senenama gün, öndürijiniň namasy esasynda öňünden sargyt edilip, uzak möhletde taýýarlanylmagy zerur bolan tehnologik enjamlaryň importy üçin bolsa, 365 senenama gün bilen çäklendirilýär.

Dahyllylar - telekeçiler tarapyndan dahylsyzlar bilen baglaşylan geleşikler boýunça milli pula satyn alnan daşary ýurt pulunyň hasabyna hakujy tölegi tölenen hem-de dahylsyzyň geleşikde şertleşilen borçnamalaryny möhletinde ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, borçnamalar doly ýerine ýetirilýänçä, şol dahyllylar - telekeçiler täze geleşikleri boýunça hakujunyň birinji derejeli daşary ýurt bankynyň kepilnamasy hödürlenen ýagdaýynda tölenmegini ýa-da hasaplaşyklaryň güwälendiriş hasabyny açmak arkaly geçirilmegini üpjün etmeli».

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň orunbasarlarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Bank gözegçiligi, Pul dolanyşygy we emissiýa-kassa amallary, şeýle hem Daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar müdirlikleriniň başlyklarynyň üstüne ýüklemeli.